# Ýuridik şahslarynyň gaýtadan bellige alynmagy

Gaýtadan bellige alynmak üçin şu resminamalar berilýär:

gaýtadan bellige almak baradaky arza (daşary ýurt bellige alynýanlar üçin erkin görnüşde we terjime edaralary tarapyndan terjimesi bilen bilelikde);

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kärhanany gaýtadan bellige almagyň ähli sebäpleri görkezilen teswirnama, çözgüt;

esaslandyryş resminamalarynyň asyl nusgasy;

täze tertipnama (düzgünnama) ýa-da oňa goşulmalar;

esaslandyryjylaryň esaslandyrylyş şertnamasy;

goýuma nyrh kesmek baradaky resminama (pul görnüşinde bolmadyk goýumly kärhana esaslandyrylan ýagdaýynda);

esaslyk maýasyny tassyklaýan resminama;

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

esaslandyryjynyň (şahsy tarap bolan ýagdaýynda) we ýolbaşçynyň şahsy kagyzy we pasportynyň nusgasy;

esaslandyryjylaryň düzümine girmek we çykmak baradaky degişli taraplaryň arzalary (döwlet kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan);

salgyt gullugy, pensiýa gaznasynyň edaralaryndan we hyzmat ediji banklardan bergileriniň (2-nji tekje boýunça) ýokdugyny tassyklaýan resminama;

kabul ediş-tabşyryş ykrar haty, bölüş maliýe hasabaty;

metbugatda çap edilen bildiriş (gaýtadan guralanda, adynyň üýtgemeginde, esaslyk maýasynyň azalmagynda);

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli .belgilerine laýyklykda);

gaýtadan bellige almak üçin bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama;

esaslandyryjynyň aradan çykan ýagdaýynda, döwlet kepillendiriş edarasy tarapyndan berilýän mirasdüşerlik şahadatnamasynyň nusgasy;

eger Türkmenistan gatnaşyjysy bolan halkara ylalaşygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly esaslandyryjynyň Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edarasy tarapyndan ýa-da Türkmentistanyň Daşary işler ministrliginde bellenen tertipde kanunylaşdyrylan tertipnamasynyň nusgasy;

eger Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolan halkara ylalaşygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly esaslandyryjynyň Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edarasy tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bellenen tertipde kanunylaşdyrylan, edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýerindäki söwda sanawyndan daşary ýurtly esaslandyryjy baradaky bellige alyş göçürmesiniň we bankyň ündew hatynyň asyl nusgalary (esaslandyryjylar daşary ýurt şahsy taraplar bolan ýagdaýynda, bankyň ündew haty asyl nusgada we pasportlarynyň nusgalary).